***«Ýylyň parlak ýyldyzy — 2025» bäsleşiginiň ýeňijisi, hoş zybanly aýdymçy — Göwher Hojimyradowa bilen guralan baýramçylyk söhbetdeşligini web-saýtymyzyň okyjylaryna ýetirýäris.***

## ŞAHSY MAGLUMAT:

- **Doglan ýeri we ýyly:** Aşgabat şäheri, 04.08.1998 ý.
- **Tamamlan ýokary okuw mekdebi we hünäri:** Türkmen döwlet medeniýet institutynyň medeni miras fakultetiniň höwesjeň aýdym-saz toparyny guramak we dolandyrmak hünäri, 2018 — 2023 ý.ý.
- **Işleýän ýeri:** «Türkmengaz» döwlet konserniniň Işçi iýmiti üpjünçiligi we hyzmatlar müdirliginiň Medeni-işewürlik merkeziniň «Galkynyş» folklor toparynyň ýokary derejeli artist-wokalisti.
- **Üstünlikleri:** «Garaşsyzlygyň merjen däneleri — 2004» bäsleşiginiň, «Ýaňlan, Diýarym! — 2018» telebäsleşiginiň, 2021-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» hem-de «Ýylyň parlak ýyldyzy — 2025» bäsleşikleriniň ýeňijisi, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşanyň eýesi.

**— Göwher, söhbedimiziň başynda sungatdaky ilkinji ädimleriňiz barada gürrüň beräýseňiz?**
**—** Özüm kiçilikden aýdym aýtmaga höweslidim. Maşgalamyzda sungat bilen meşgullanýan ýok bolsa-da, bu ugurda ata-enemiň goldawlary diýseň uly boldy.

**— Halypaňyz kim?**
— Ilkinji halypam aýdymçy Akgül Togtamyradowa. Onuň yhlasy bilen üç ýaşymda Aşgabat şäherindäki 20-nji çagalar bagynda terbiýelenýärkäm aýdym aýdyp başladym. Soň paýtagtymyzdaky 38-nji orta mekdepde we 2-nji çagalar sungat mekdebinde okan ýyllarymda hem Akgül mugallymyň sözlerine we sazyna aýdymlary ýerine ýetirdim. Türkmenistanyň at gazanan artisti Rüstem Baýramowdan bolsa halk aýdymlaryny aýtmagyň inçe syrlaryny öwrendim.

**— Ilkinji meşhurlyk getiren aýdymyňyz?**
— «Balajyk gelýär». 2018-nji ýylda Türkmenistanyň at gazanan artisti, kompozitor Begenç Hojaýewiň sazyna döreden bu aýdymymyz diňleýjiler tarapyndan gowy garşylandy.

**— Nähili aýdymlary döretmegi özüňize ýakyn görýäňiz?**

Все права защищены

— Esasan, watançylyk temasyndan. Eje hakda aýdymlary hem özüme ýakyn hasaplaýan.

**— Ilkinji diňleýjiňiz kim?**
— Ilkinji diňleýjimem, syrdaş-ýürekdeşimem, joram hem, maslahatçym hem ejem. Hatda stilistim hem ejem.

**— Aýdymçy bolmadyk bolsaňyz...**
— Ejemiň kärini dowam ederdim: lukman bolardym.



**— Haýsy kompozitorlaryň sazlaryna we haýsy şahyrlaryň sözlerine has köp ýüzlenýäňiz?**
— Türkmenistanyň halk ýazyjysy Döwletgeldi Annamyradowyň, şahyr zenanymyz Gülşirin Hanowanyň. Köplenç, özümem düzýän. Sebäbi öz aýtjak aýdymyny aýdymçyň özünden gowy bilýän ýok. Bäsleşigiň jemleýji tapgyrynda hem öz sözlerime döredilen «Ýüregim aldy» atly aýdym ýerine ýetirdim. Şeýle hem kompozitorlar Begenç Hojaýew, Maksat Tuwakow, Babamyrat Babaýew dagy bilen işleşýäris.

**— Siziň pikiriňizçe, üstünligiň syry nämede?**
— Ilkinji nobatda, maşgala goldawymyka diýýän. Irginsiz zähmet çekmek, ýadawsyzlyk, ýaltanmazlygam esasy zatlar.

Все права защищены

**— Baýramçylyk günlerinde nähili sowgat almagy halaýarsyňyz?**
— Ýürekden berlen islendik sowgat.

**— Täze ýylda etjek iň uly arzuwyňyz?!**
— Dünýädäki ähli ynsanlaryň ýagşy arzuwlarynyň hasyl bolmagyny islärdim.

**— Göwher, siziňem geljekki arzuwlaryňyz wysal tapsyn! Baýragyňyz hem, baýramyňyz hem gutly bolsun!**
— Sag boluň! Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, mähriban halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Goý, Täze ýyl her bir maşgala rysgal-döwlet, bagt, abraý getirsin! Ýurdumyz parahat, ilimiz abadan bolsun!

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены